# «ChatGPT»-ni döredijі: Emeli añ kyýamaty ähtimallygy elli göterim

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
"ChatGPT"-ni dörediji: Emeli añ kyýamaty ähtimallygy elli göterim «ChatGPT»-ni DÖREDIJI: EMELI AÑ KYÝAMATY ÄHTIMALLY ELLI GÖTERIM




*Ekranda «OpenAI»-iñ kämilleşdiren, gürrüñleşip bolýan «ChatGPT» emeli añ programmasynyñ logotipi. (Reuters)*

«ChatGPT»-ni döredijilerden biri emeli añ tehnologiýasynyñ ýykgynçylykly derejede netijelere getirme mümkinçiligi boýunça duýuryan we barha artýan ylmy-barlagçylaryñ hataryna goşuldy.

Häzir emeli añ boýunça ylmy-barlaglary geçirýän we girdeji edinmegi maksat edinmeýän «Alignment» ylmy-barlaglar merkezine ýolbaşçylyk edýän, «OpenAI»-niñ öñki işgäri Paul Kristiano bu tehnologiýanyñ adamzadyñ ýok bolmagyna getirme ähtimallygynyñ güýçlüdigine ynanýandygyny aýtdy.

Kristianonyñ öñe sürmegine görä, asyl howp emeli añ ulgamlary adamlaryñ kognitiw derejesine ýetip, ondan geçende ýüze çykar. Doktor Kristiano şol pursat gelende «kyýamat ähtimallygyñ ellä elli göterim» boljakdygyny çaklaýar.

«Bankless» atly podkastda çykyş eden Kristiano «Diýseñ uly mesele bolan emeli añ ulgamlaryndan üýtgeşmäniñ belli bir derejese çaltlaşýan sepgide belentli-pesli bir ýyllyk möhletde

geçiljekdigini pikir edýärin. Munuñ yzyndan çaltlanma hasam artar we şeýleligine dowam eder» diýdi.
«Meniñ pikirimçe şeýle nukdaýnazara eýe bolanymyzda köp zat emeli añ problemasy ýaly görünip biler, çünki bularyñ barsy emeli añy döredenden soñ kän wagt geçmänkä ýüze çykýar».



*«OpenAI»-iñ öñki ylmy-barlagçysy Paul Kristiano häzir «Alignment» ylmy-barlag merkezini dolandyrýar / YouTube)*

Kristiano «Emeli añyñ birdenkä öñe çykyp, uçdantutma hemmeleri öldürmesinden has beter, hemme ýere köp sanly emeli añ oturtmagymyz netijesinde ölmegimiz has ähtimal… Hudaý saklasyn, eger haýsydyr bir sebäp bilen ähli emeli añ ulgamlary bizi öldürmäge synanyşsa, muny hökman ederler» diýip, sözüniñ yzyny ýetirdi.
Şular ýaly düşündirişler soñky aýlarda emeli añyñ çaltlyk bilen ösmeginden duýulýan howatyrlaryñ artýan döwründe berildi. Emeli añyñ «çokundyryjy atasy» diýilýän Geoffreý Hinton tehnologiýanyñ howplaryny jemgyýete duýdurmak üçin Google-den aýryldy.
«The New York Times» interwýu beren Hinton häzir ýüzbe-ýüz bolnan bu öñünden çaklap bolmajak geljek sebäpli bu ugruñ ösmegine goşant goşandygy üçin ökünýändigini aýtdy.
Hinton «Bu zadyñ adamlardan has akylly bolup biljekdigi pikirine birküç adam ynansa-da, köp adam munuñ şeýle boljagyna ynanyp baranokdy. Menem şeýle pikirdedim. Munuñ 30-50 ýyldan ýa-da ondanam köp wagtdan soñ boljakdygyny pikir edýärdim. Elbetde, edil häzir beýle pikir edemok» diýdi.

«Gözegçilik edip bilmejekdiklerine göz ýetirýänçäler muny aşa çişirmegiň geregi ýok hasap edýärin».
Beýleki barlagçylar Hintonyň bu pozisiýasyny makullanam bolsa, «AnthropicAI»-den Katerina Ollson beýtmegiň bu ugurdaky beýleki barlagçylaryňam pikirlerini aýtmaga iterjekdigini aýtdy. Olsson internet hasabynda «Uniwersitetde okap ýörkäm bir tanşym henizem etden el çekmändigimi soran wagtynda et iýmekden ymykly el çekipdim. Etiki gymmatlyklarymyzyň üstündäki jemgyýetçilik pikirleri örän täsirli bolup bilýär» diýip ýazdy.
«Ýygy-ýygydan «Anthropic»-i haçan taşlajagymy ýa-da emeli aňy doly terk etjegimi pikir edýärin. Başgalary-da şeýtmäge çagyrýaryn. Şeýle hereketiň maňa ýiti täsir etjekdigini häzirden aýdyp biljek».
Beýleki öňdebaryjy adamlaram emeli aň öndürýän firmalary ösen sistemalaryň ösdürilmegi ugrunda alyp barýan işlerine arakesme bermäge çagyran bolsa, soňky gezek müňlerçe hünärmeniň gol çeken açyk hatynda emeli aňyň ösdürilmegine iň bolmanda alty aý togtadylmadyk ýagdaýynda hökümetleriň ara girmegine çagyryş edilipdi.
Hata gol çekenleriň arasynda emeli aňyň döredýän ekzistensial howpy hakda ýygy-ýygydan agzaýan Ilon Mask hem bardy. «OpenAI»-niň esaslandyryjylaryndan bolan tehnologiýa milliarderi duşenbe güni internet hasabynda «Maşynlaryň nähili işleýändigini ýatdan çykarjak derejede öte geçilse, emeli aňa-awtomasiýa ýagşy niýetli garaşlylygyň özi hem adamzat siwilizasiýasy üçin howpludyr» diýip ýazdy.

Antoni KATBERTSON.
@ADCuthbertson

Çarşenbe, 03.05.2023 ý. Ylym we tehnologiýa